***Şu gün – 7-nji dekabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Oňa Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow, şeýle hem daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we halkara guramalarynyň ýanyndaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, daşary syýasat edarasynyň işgärleri, halypa diplomatlar, professor-mugallymlar, talyp ýaşlar gatnaşdylar.***

Tanyşdyrylyş dabarasynyň çäklerinde institutyň eýwanynda sergi ýaýbaňlandyrylyp, halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik ýörelgelerini, hemişelik Bitaraplygymyzyň ähmiýetini wagyz edýän amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklary tanyşdyrylyş dabarasyna gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi.



Tanyşdyrylyş dabarasynyň başynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplarynyň ýerine ýetirmeginde «Bitaraplyk — biziň baky bagtymyz» atly edebi-sazly kompozisiýa ýaýbaňlandyryldy. Soňra institutyň rektory Gülşat

Все права защищены

Ýusupowa giriş sözi bilen çykyş edip, hormatly Prezidentimiziň täze kitabynyň hemişelik Bitaraplygymyzyň gadyr-gymmatyny giňden açyp görkezýändigini, bu eseriň ýaş nesiller, şol sanda geljekki halkaraçy hünärmenler üçin hem ylmy-edebi gollanma boljakdygyny buýsanç bilen belledi.



Dabarada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowyň, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky (Nýu-Ýork ş.) Hemişelik wekili, Türkmenistanyň Gahrymany Aksoltan Ataýewanyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadzeniň çykyşlaryna giň orun berildi.

Все права защищены



Tanyşdyrylyş dabarasyna gatnaşyjylar «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyň çapdan çykmagy mynasybetli Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy gutlap, bu ajaýyp baýramçylyk sowgady üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler hem-de hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены